***Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministri Abdulla Geldiýewiň ýolbaşçylygyndaky Türkmenistanyň wekiliýeti 2025-nji ýylyň 24-27-nji noýabry aralygynda Dubaý şäherinde geçirilen «Big 5 Global 2025» atly halkara sergä we maslahata gatnaşdy. Bu barada Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi habar berýär.***

Türkmen wekiliýetiniň bu çärä gatnaşmagy iki ýurduň hyzmatdaşlygynyň ýokary derejesini we Türkmenistanyň gurluşyk hem-de infrastruktura ulgamyndaky möhüm hyzmatdaşy hökmünde ykrar edilýändigini görkezdi. Dünýäniň öňdebaryjy gurluşyk, inženerçilik we şähergurluşyk guramalaryny birleşdirýän bu forumyň meýdançasynda milli ösüş maksatnamalary, ýokary tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy we pudagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen başlangyçlar görkezildi.



Çäräniň ikinji gününde Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministri A.Geldiýew «Türkmenistanda durnukly şäher ösüşi we infrastruktura boýunça döwrebaplaşdyrma strategiýasy» atly tema boýunça çykyş etdi. Ol häzirki zaman, durnukly we ekologiýa taýdan arassa şäher giňişliklerini döretmek baradaky milli strategik garaýşy, infrastrukturany döwrebaplaşdyrmagyň ileri tutulýan ugurlaryny, pudagyň sanlylaşdyrylmagyny hem-de innowasiýa we energiýa tygşytlaýjy çözgütleriň ornaşdyrylmagy boýunça edilýän tagalalar barada belläp geçdi.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026

Şeýle-de forumyň çäklerinde BAE-niň Federal infrastruktura we taslamalar boýunça döwlet ministriniň orunbasarynyň kömekçisi Ýusuf Abdulla Al Ali, DMG events kompaniýasynyň prezidenti Mett Denton, Global Leaders’ Summitiň ýolbaşçysy Brendi Skott hem-de döwlet edaralaryň we halkara gurluşyk hem-de inženerçilik kompaniýalaryň ýolbaşçylary bilen birnäçe duşuşyklary geçirdi. Senagat we raýat gurluşygy, ekologiýa taýdan arassa gurluşyk serişdeler, modul tehnologiýalar, sanly infrastruktura, BIM platformalary we möhüm maýa goýum taslamalar boýunça hyzmatdaşlygyň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026